# «Bu gün gama batdym dostlarmy ýatlap…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
"Bu gün gama batdym dostlarmy ýatlap…" BU GÜN GAMA BATDYM DOSTLARMY ÝATLAP…




Men nobat belläpdim, nobatym ýitdi.
Şum ykbal ýene-de keçjallyk etdi.
Meň tabydym götermeli ýigitler
Maňa öz tabydyn göterdip gitdi…

Mahal-mahal durýan yzyma garap –
Uzaklarda galan ýaşlygma sary.
Göwnüme, yzymdan gelýän deý ýöräp
Ol ýerde eglenen dostlarmyň bary.

Ýöne olar baky galdy ýaşlykda,
Diňe hyýalymda duş gelýär olar.
Biraz söhbet edýäs göwnühoşlukda,
Birdenem gözümden gaýyp bolýarlar.

Käte möwjäp gelýär küýseg gözýaşy,
Dilleniň, dostlarym, nirde galdyňyz?
Bizi aýra saldy pelegiň işi,
Duýdansyz dünýämden gaýyp bolduňyz.

Dostlam, sizi gözlemedim nirlerden,
Yzlap ýaşlygmyzyň giden yzyny.
Ýöne, islesem-de, men ol ýerlerden,
Ne-hä sizi tapdym, ne-de özümi.

Belki, dostlarym hem çar ýana bakyp,
Meň giden ugrumy gözleýändirler.
Olar hem men deýin bir çete çykyp,
Küýseg gözýaşyny gizleýändirler.

Öten agşam gördüm sizi düýşümde,
Biz ýene otyrys üýşüp bileje.
Perişde deý otyrsyňyz gaşymda,
Siziň şol ýaşlygňyz,
men bolsa goja…

Bu gün gama batdym dostlarmy ýatlap.
Gamlanmakdan özge ýokdur çärämiz.
Wagt geçdigiçe çalt-çaltdan ätläp,
Şonça ýakynlaşýar biziň aramyz.

Azat NURGELDIÝEW. Goşgular